# Wirus awtoulaglarda!

Category: Kitapcy,Medisina
написано kitapcy | 23 января, 2025
Wirus awtoulaglarda! WIRUS AWTOULAGLARDA!

Sürýän awtoulaglarymyzda koronawirusa garşy öňüni alyş çärelerini geçirmegiň hajaty barmy? Bir ildeşimiziň beren bu soragyna «Hürriyet» gazetinde professor Derýa Uludüz şeýle jogap berýär:
– Hawa, bar. Ilkinji nobatda awtoulagyňyza mümkin boldugyça az ýolagçy mündüriň. Zol-zol säginip, münüp-düşüp durmaň. Münüp-düşüp durmak – awtoulagyňyza wirus aralaşdyrmak ähtimallygyny güýçlendirmek diýmekdir. Ýag-ýangyç guýujy beketlerde mümkingadar ýakynlaşman, aralygy saklap pul tölejek boluň. Awtoulagyňyzda hökman spirt ýokundyly süpürgiçler bolsun. Spirt ýokundyly elsüpürgiçler ulanmak spreýlerden has amatlydyr. Spirt derejesi 60°-dan ýokarda bolsa has gowy.
Awtoulagyňyza müneniňizde wirus ýolukmaga iň ýakyn ýerler bolan gapynyň içki tutawajyny, ruly, goluň durýan ýerlerini, esasanam torpedony spirt ýokundyly süpürgiç bilen mazaly süpüriň. Süpürip bolanyňyzdan soň süpürgiji sellofan pakediň içine salyň we agzyny mäkäm daňyň. Awtoulaglaryňyzdan düşen badyňyza pakedi zibil ýaşige oklaň.
Awtoulagyňyzy sürüp barýarkaňyz howalandyryjynyn deregne aýnaňyzy açyň. Düşeniňizden soň aýnany birküç minut açyk goýuň.
Görşüňiz ýaly… Awtoulagyňyzy ýolagçylardan doldurjak bolup ýörmäň… Koronawirusa garşy çäreler kem-kemden gowşadylyp, bu bela doly ýok bolup gidäýende-de, barybir şahsy awtoulaglarymyzda şular ýaly ýüregedüşgüç kadalary endige öwürmeli bolar. Çünki wirus mundan beýlägem biziň söbügimizi sypdyrmaz. Muňa “täze durmuş formasy” diýýärler. Häzirden taýýarlygymyzy göreliň.

Melih AŞYK,
m.asik@milliyet.com.tr

28.04. 2020 ý, «Milliyet» gazeti.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW,
Stambul uniwersitetiniñ talyby. Medisina